Moskwanyň we ähli Rusuň Patriarhy KIRILLIŇ arhipastyrlara, pastyrlara, diakonlara, monahlyk edijilere we Rus Prowoslaw Buthanasynyň ähli wepaly perzentlerine
Rojdestwo ýüzlenmesi

Hudanyň halan arhypastyrlary, päk ýürekli preswiterler we dialonlar, hudanyň sadyk gullary inoklar, hormatly doganlar we uýalar!

Siziň hemmäňizi Hudanyň Roždestwosy we Halasgärimiz Iisus Hristosyň ýagty baýramçylygy bilen çyn ýürekden gutlaýaryn.

Mundan tas iki müň ýyl öň amala aşan Hudaýyň kaddyna girmek ýaly ajaýyp gudrat häzire çenli biziň kalbymyza deňi-taýy bolmadyk şatlyk nuruny çaýýar. *Şu gün Hudaý ýer üstüne gelip, adam hem arşa galar* (agşam baýramçylygyna bagyşlanan aýdym). Ýaradan we dünýäde barça närseniň Howandary, çünki Ol Öz rehim-şepagaty zerarly *şeýtanyň ejir berýän adamlaryny görkezmeýärdi* (Keramatly kreşeniýe dowasy); *mähir-muhabbet arkaly ýeňilen, Başlangyçsyz we Beýan edilmeýän özüniň ýoluny ýitiren bendesinden habar tutmaga geldi* (taglymatçy-ündewçi Roman Sladkopewesiň ýiten drahma barada hekaýat boýunça aýdymy).

Hudanyň Sözüniň beýik öňdengörüjileriniň aýdyp geçen ajaýyp welilikleri amala aşdy, müňlerçe çyllap öz günäsinden horlanýan, diňe bir ýer durmuşynda näletden ejir çekmän, eýsem ölenden soň hem ejir çekýän, halas edilmegine we gutulmagyna garaşýan adamzadyň öňünde arşyň gapysy açyldy. *Müdimi gül açýan Merýemden* Hydaýymyz Iisus Hristos *öz bedenini kabul etdi (*Keramatly Bogorodisanyň Roždestwosynyň Kanony) - elinde otly gylyç bilen jennetiň girelgesinde böwet bolan *heruwim ýaşaýyş agajyndan yza çekilýär* (agşam baýramçylygynyň aýdymy). Taňrynyň Balasy dünýäni halas etmek üçin doguldy, *kanuny berjaý edýänleriň günäsini ýuwmak üçin kanuna boýun boldy, munuň özi bizi ogullyga almak üçin zerurdy* (Gal. 4, 4-5).

Hudanyň boýun egijiligine akyl ýetirip bolmaýar: Çäksiz Ygtyýarly Hökümdar bolsa-da, ol adamlaryň öňünde gowşak balanyň keşbinde peýda bolýar, Hudaý bolsa-da, wagtlaýyn synany kabul edýär we ýer durmuşynyň külpetlerini başdan geçirýär, Ölümsiz bolsa-da, öz erki bilen jebirli we biabraý ölüme duçar bolýar. Ol muny saýlananlar - weliler, keramatlylar we Öz wepaly gullukçylary üçin etmeýär. Hristos biziň her birimiz üçin gelip, uçdantutma hemmäni - günälileri hem, jenaýatçylary hem, biperwaýlary hem, yhlas etmeýänleri hem, namartlary hem, gaharjaňlary hem, hatda özüniň ganhorlaryny hem halas etmek isleýär!

Hudaý hiç kimi inkär etmeýär, hiç kimi äsgermezlik etmeýär, munuň tersine - adam bedenini kabul edip, Hudaýyň kaddyna geçmek, haçly ejirler we Direlme arkaly adam bedenini täzeleýär, ony Keramatly Troisanyň gujagyna alyp göterýär, Hudanyň tagtynyň sag tarapynda bolmak bilen oňa mukaddeslik çaýýar. Messihiň Kuwwatlandyryjy bedenine, her birimiz üçin dökülen Onuň Arassa Ganyna tagzym etmek bilen Ýewharistiýa Syrlylyk däbinde olara galtaşýarys.

Emma, gynansak-da, şu günki gün görşümiz ýaly, bidüzgün tolkunlar Kilise gämisini çaýkandyrýarlar, agzalalyk we gapma-garşylyk tupany prawoslaw dindarlarynyň agzybirligini bozýar, duşmanyň we azdyryjy azgynlaryň hereketinden tukat bolan adamlar *Suw Çeşmesini saýlaman bet niýetli mezhepleri, boş warsakylary ileri tutýarlar* (I Bütindünýä Soboryň keramatly atalar üçin Kanony). Şular ýaly kynçylykly döwürde biz hemmämiz şulary ýatda saklamalydyrys, ýagny Hudaýyň biziň her birimiz üçin doglandygyny, haja çüýlenendigini we direlendigini, Onuň ýerde Ýeke-täk, Keramatly, Sobor we Apostol Kilisesini esaslandyrandygyny unutmaly däldiris. Kilisä degişli bolmak bilen, biz näsazlyklaryň, agzalalyklaryň we gapma-garşylyklaryň hötdesinden gelmelidiris, öz aramyzda bölünişikleri

aradan aýyrmalydyrys, uruş belasyny başdan geçirýärlere, ýanamalardan we adalatsyzlykdan ejir çekýänlere kömege ýetişmelidiris.

Hudaý patyşa köşgünde dogulmaýar, ol garyp gowakda *eldengitme pukaralykda* dogulýar. Dag gowagyndan we mallar üçin agyldan ýaramaz we garyp näme bardyr diýersiňiz? Ýöne şeýle ýer bardyr - ol Hudaýdan jyda düşen, ýyly-sowuk, boş bedenli, dürli hyjuwdyr-gorkularyň guluna öwrülen adamyň ýüreginiň günä bilen ýakylan çöllügidir. Emma biz öz kalbymyzy Hudanyň jaýyna öwrüp bileris, munuň üçin Hudanyň golaýymyzda, hut bosagada durandygyny we biziň Onuň gözleri bilen ynama bil baglamagymyza garaşýandygyny ýatlamak gerekdir, Ony öz durmuşymyza goýberip, sözlerini eşitmelidiris, onuň mährine mähir bilen jogap bermelidiris - we Oňa özümiz ýaly hereket etmäge ýol bermelidiris.

Ähli dünýä Halasgäriň ajaýyp roždestwosyny uly şatlyk bilen garşy alýarlar: perişdeler öwgüli senany aýdym edip aýdýarlar, çopanlar dabaraly we joşgunly baýramçylyk edýärler, weliler Oňa tagzym edip, öz sowgatlaryny bagyş edýärler, diňe Irodyň gahardan we görüplikden püre-pür dolan ýüregi ajaýyp hakykaty kabul etmek islemeýär, şatlanmaýar, ýöne howsala düşýär, ol Hudaýdan gorkusyna däl-de, namartlykdan howsala düşýär. Eýsem biz öz işlerimiz bilen oňa çalymdaş hereket etmeýärismi, hut öz abadançylygymyzy we eşretli günümizi birinji orna goýmaýarysmy, kimdir biri bizden has gowy, zehinli we mähirli bolar diýip dowula düşmeýärismi, şeýle adama ýamanlyk etmäge çalyşmaýarysmy, ony başgalaryň öňünde masgaralamaga çalyşmaýarysmy, özümiz ýokary galmak üçin ony ýykjak bolup aýagyndan çekmeýärismi? Biziň üçin hakykatyň çeşmesi hökmünde Hudaý we Onuň keramatly wagyz-nesihatlary däl-de, hut özümiz hyzmat edýäna däldiris? Özümiz üçin bähbitli bolan toslamalary hakykat hökmünde hödürläp beýlekileri aldamaýarysmy, biz öz tekepbir hereketlerimiz bilen Hristosyň donuny tozdurýana däldiris, din boýunça doganlarymyzyň arasynda agzalalyk we nägilelik tohumlaryny ekýänä däldiris?

Häzirki wagtda Hudaýyň Balasy Hristosa nazar dikmek bilen, ajaýyp hakykat bilen pete-pet duşmak bilen, dürli hujuwdyr gorkularyň ýüküňden we aýagymyza böwet bolýan günäden (Ýewr. 12, 1) azat bolalyň, Prawoslaw dininiň bitewiligini berkitmek we mähir-muhabbeti artydrmak barada ýürekden dogalarymyzy aýdalyň, *mähir-muhabbetiň rehim-şegapatly hereket edýändigini, görüplige baş urmaýandygyny, tekepbirlik etmeýändigini, özi üçin bähbit gözlemeýändigini, bet niýet bilen pikir ýöretmeýändigni, ýalan-ýaşryga begenmeýändigini unutmaly däldiris* (1 Kor. 13, 4-7).

Dini gulluk baýramçylyk tekstlerinde diňe bir bizi halas etmek üçin dogulan Hudaý wasp edilmeýär, eýsem Onuň Kadda girmegine ýardam edenler hem wasp edilýär - olara Päk Merýem Ene, dindar Iosif Obruçnik, keramatly nesilbaşylar degişlidir. Şu dabaraly gün biz hem öz ýakynlarymyzy ýatlap geçeliň: ene-atalarymyzyň we dostlarymyzyň ýanyna baralyň, olara has-da ünsli bolalyň, biri-birimiz üçin mähirli sözleri tapalyň, olara biziň üçin edýän ähli zatlary üçin sagbolsun aýdalyň. Goý Hudaýa we ýakynlarymyza söýgüden doly ýüregimizde *Şepagatly, Müdimi we Akyl ýetirip bolmaýan, görünmeýän Atamyza hemişelik wepadar Hristos* (agşam baýramçylygynda aýdym) höküm sürsün. Omin.

MOSKWANYŇ WE ÄHLI RUSYŇ PATRIARHY

*Hristosyň Roždestwosy*
*2019/2020 ý.*
*Moskwa*